# Aglaryn / goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aglaryn / goşgular ARAZALY ŞAHYRYÑ GOŞGULARY




■ GYRATYM

*Gazanjyk etrabynyñ Isgender obasynda ýaşap, dünýeden öten Şyhy Teke oglundan ýazylyp alnan goşgy*

Ýola çykyp, menzil-menzil ýol söksem,
Ganatym, syrdaşym sensiñ, Gyratym!
Ýürek syrym aýdyp içimi döksem,

Ýowuz günde ýoldaşym sen, Gyratym!

Men aýlansam gargy gulak başyna,
Toý bolanda üýşerdiler daşyňa,
Aýny wagtyň guwanaýyn ýaşyňa,
Syratyň jerene meňzär, Gyratym!

Üstu meňzär Süleýmanyň tagtyna,
Ýararan joşandyr şahyr bagtyna,
Toý bolsa garaşýaň çapgy wagtyna,
Menzil söküp ganat kakdyň, Gyratym!

Göroglyň Gyratyn salýaň ýadyma,
Gyssanamda ýetişýärsiň dadyma,
Suw sepeläp ýürekdäki oduma,
Gamlanamda göwün hoşum – Gyratym!

Seň üstüňde ençe heňňamlar sökdüm,
Dury suwdan ýakyp, maýsada bakdym,
Boýnuňa dogaly dagdany dakdym,
Arazalyň göz guwanjy – Gyratym!

■ GALDY

*Gazanjyk şäheriniň 2-nji obasynda ýaşaýan Selimberdi Gurbannazar oglunyň aýdyp beren goşgulary:*

(Zyndanda ýazylan goşgy)

Il üçin başyma gowga düşendir,
Açlyk sebäbinden aklym çaşandyr,
Günäsiz baştutan Eýran aşandyr,
Ýüzüm gözläp duran mallarym galdy.

Duşman sözi saldy zalym goluna,
Guwanardym ýalňyz gyzym diline,
Başym gurban bolsun türkmen iline,
Mekanym, obadaş dostlarym galdy.

Ýatan ýerim Aşgabadyň türmesi,

Kyn bolandyr il-günümiñ görmesi,
Mäter ahun Kesearkajyñ töresi,
Kowum-gardaş, dogan-dostlarym galdy.

■ GAL INDI

Gözüm bilen gaşym öýde,
Ýigrimi ýaş uzyn boýda.
Göreşmäge çykar toýda,
Arkadagym, hoş gal indi!

Ala gözli, gaşy ýaýly,
Biz-ä rähnet durmaýly, (?!)
Altmyş başly ak öýli
Baş ýoldaşym, hoş gal indi!

Mylgyp meni goýna salan,
Ugranymy görüp galan,
Gaýga batyp, ýüzi solan,
Ýanýoldaşym, hoş gal indi!

*Gazanjyk etrabynyñ Isgender obasynda ýaşaýan Aşyr Annamämmet oglunyñ aýdyp beren şygry:*
*Arazaly şahyr gazanjykly dosty Ybraýymguly Kömek oglunyñ agyr halda syrkaw ýatanlygyny eşidip, şygyr ýazýar. Şol wagt şahyr Tersakanda (Hojagaladan 20-30 kilometr günbatarda) ýaşaýan eken.*

Eneñ garry, atañ maýyp,
Gitmäweri yzda goýup.
Ýykylmawer sürşüp-taýyp,
Çyn dostum, sag gezeweri!

Tersakanda saýrar dilim,
Soramaga ýetmez elim,
Bar ynsana deñdir ölüm,
Çyn dostum, sag gezeweri!

Zyndanda bagly aýagym,

Döwüldi heññam taýagym,
Ala gözli, ak maralym,
Barmaga ýollar baglydyr.

Ikindiniñ iki gözi,
Külterleýär jülge, düzi,
Gaş astynda ala gözi,
Gözleriñe guwanaýyn.

Gyratyñ hünäri ýagşy,
Üstünde eýesi bagşy,
Gysgaldar ýakyny-daşy,
Syratyña guwanaýyn.

*Gyzylarbatly Sähet Kömekowyñ aýdyp beren şygry:*

■ SENDEN MEDET

Uruşda adam gyrylýa,
Gyssanañda çagyrylýa,
Ýetişiklim diri öwlüýä,
Parawbibi, senden medet!

Daş ýerlerden däli gelen,
Şek eden gudratyn gören,
Ýylan bolup öñde ýören,
Mälim babam, senden medet!

Arazaly şahyr, sen ýaz,
Ýatan ýeri dag, üsti düz,
Guburnyñ boýy kyrk gez,
Çilgiz baba, senden medet!

*Çilgiz babanyñ gubury Balkan dagynyñ üstünde düz ýerde ýerleşýär).*

GPU-da ýatdym altaýlap,
Äkitdi ýedimiz saýlap,
Galanlarmyz gamly oýlap,
Şükür kylyñ bolşumyza.

*Türkmenbaşy etrabyndan Agamämmet Toýmämmedowyñ aýdyp beren şygry:*

■ AGLARYN

Ýowuz gün salandyr pelek başyma,
Bizi bärden ile al diýip aglaryn.
Albaý bulap, awy goşdy aşyma,
Ýazygym boýnuma dak diýip aglaryn.

Bilmedi il näme sebäp tapanny,
Geñ gördük biz orsuñ oba çapanny,
Şum täleý gurandyr ajal gapanny,
Şerinden basym azat kyl diýip aglaryn.

Bir günüm bir ýyldyr, ussady görmän,
Köp saklady kapyr barana bermän,
Batyl bolup galdym, janymda arman,
Ýüregme giñligi sal diýip aglaryn.

Telim aýdyr, bagrym başly, gülemok,
Bil kuwwatsyz, asyl ýerden galamok,
Näme günäm, öz ýazygym bilemok,
Arzymyñ beýany şol diýip aglaryn.

Arazaly döşüñ açyp ýörmediñ,
Tora düşüp gara ýeri sermediñ,
Ýar alanda Hakyñ «malyn» görmediñ,
Ol sebäpden ile al diýip aglaryn.

Toplan: Tatar ÜÝŞMEKOW. Goşgular